# Sensiz setirler…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sensiz setirler… SENSIZ SETIRLER…



Ýene tenha gijeleñ tagamsyz çaýy bilen,
Tümlügiñ täk buýsanjy – ýaşmaksyz aýy bilen,
Wepadar ýalñyzlygyñ ylham serpaýy bilen,
Dümtünip keşde çekýän hakyda sapagyndan;
Ýene tenha gijeleñ tagamsyz çaýy bilen…
Göýä gapymy kakýa şemalyñ aýak sesi,
Ýa haýp tolgunýamyka kalbyñ goja höwesi?..

Bilmen, gyzdy: rmy eli umydyñ boş kisesi?
Elim sowuk kisede, dişşirgenýän ýene-de,
Gapymy kakyp gaçýa, şemalyñ aýak sesi…

Saña aýan ýyldyzym! Köpe geñsi ahwalym:
Tiken basan armanym, düýş deñzinde hyýalym,
Diwanda kyrkdan aşan – nobatdaky wysalym.
Ak bulutdan öýkeli nazarym saña düşýä;
Saña aýan ýyldyzym! Köpe geñsi ahwalym …

Bir görsediñ aýnada sensizligiñ mor ýükün…
Ýsir aldy ýapraklar gara gözümiñ kökün…
Wagt bolsa, çapyksuwar, ýöredýä öz
hökümin…
Gaşyn çytýa gijeler..şemalam hüñür-hüñür…
Bir görsediñ aýnada sensizligiñ mor ýükün!..

Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular